**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna**
на 1 марта 2024 года

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

«ARKADAG HEM PYRAGY KÖŇÜLLERE ŞAMÇYRAG» ATLY WAGYZ-NESIHAT ÇÄRESI GEÇIRILDI
3

BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
4

SANLY ULGAMDA ÝERINE ÝETIRILÝÄN BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
5

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ DEŇAGRAMLYLYGY WE YKDYSADY ÖSÜŞ
6

AKYLDAR ŞAHYRYŇ DÖREDIJILIGI
9

BANK ULGAMYNDA HYZMATLARYŇ TIZLIGI ARTDYRYLÝAR
10

BANK HYZMATLARYNYŇ DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERI
12

RAÝATLAR ÜÇIN BÄHBITLI BANK HYZMATLARY
14

KÄMIL BANK KART ULGAMY: TARYHY WE ŞU GÜNI
16

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
21

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
23

# «ARKADAG HEM PYRAGY KÖŇÜLLERE ŞAMÇYRAG» ATLY WAGYZ-NESIHAT ÇÄRESI GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 7-nji fewralynda Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň mejlisler jaýynda 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylmagynyň, şeýle hem ýaşlary watansöýüjilikli, ynsanperwer, ýokary ahlaklylyk, milli ruhda terbiýelemegiň ähmiýeti barada «Arkadag hem Pyragy köňüllere şamçyrag» atly wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Oňa ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyplary we mugallymlary gatnaşdylar.

Maslahatyň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň we akyldar şahyryň eserlerinde ýaşlary watansöýüjilikli ruhda terbiýelemegiň waspy, Pyragynyň arzuwlan zamanasy, Magtymguly Pyragynyň döredijiligi – jöwher paýhasyň miwesidir, halkymyzyň terbiýe mekdebidir, Magtymguly Pyragy – ýürekleriň çyragy, köňüllere ylham beren şygar ýaly mowzuklar bilen çykyşlar edildi.

Maslahata gatnaşyjylar akyldar şahyryň özüniň gözel hem-de çuň manyly döredijiligi bilen türkmen we dünýä edebiýatynyň baý hazynasyna ägirt uly goşant goşan beýik pelsepeçidigi barada belläp geçdiler. Şeýle-de şahyryň türkmen halkynyň durmuş mekdebi hökmünde ýurduň özygtyýarlygy we gülläp ösüşi, döwleti dolandyrmagyň kadalary, ylym-bilimi goldamak, rehimlilik, hormat goýmak, jomartlyk, myhmansöýerlik, bitewilik baradaky nesihat beriji goşgulary aýratyn bellenildi.

Akyldar şahyryň ata Watany söýmek, adam mertebesini belende götermek, uluny sylamak, kiçä hormat goýmak ýaly öwüt-ündewleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesillerimiziň kalbynda hemişelik orun alýar. Şahyryň ahlaklylyk, päk söýgi, mertlik, watançylyk ýaly meselelere bagyşlanan şygyrlary ýaş nesli milli ruhda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyz «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda dana şahyr barada: «Şahyryň ynsan mertebesi, watansöýüjilik, parahatçylyk, hoşniýetlilik ýaly gymmatly pikirleri taze türkmen jemgyýeti, şu günki we geljekki nesillerimiz üçin ruhy ýörelgedir» diýip belleýär. Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur many-mazmunly çykyşlarynda hem bellenilişi ýaly, Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasa ýugrulan setirlerine uýmak ata Watana, il-günüňe, pederleriňe uýmakdyr, olary ýürekden söýmekdir, durkuň bilen türkmendigiňi duýmakdyr.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**



# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň fewral aýynyň dowamynda Turkmenistanyň Merkezi bankynyň Turkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde hem-de Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2024-nji ýylyň fewral aýynyň 5-9-njy senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar hem-de halkara amallar bölümleriniň hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Banklarda daşary ýurt puluna gözegçilik we halkara amallar» atly okuw maslahatynda halkara pul gatnaşyklary, Türkmenistanyň daşary ýurt pul syýasaty, halkara töleg ulgamlarynda pul serişdeleriniň dolanyşygy, guramalar, edaralar, kärhanalar tarapyndan baglaşylýan import şertnamalarynyň töleg şertleriniň gözegçiligi, daşary ýurt pulunda ýerine ýetirilýän amallar, dünýä bazarynyň emele gelmegi we halkara söwda, bank işiniň kämilleşdirmegiň daşary ýurt tejribesi we milli ýörelgeleri ýaly ugurlarda degişli maglumatlar bilen çykyşlar edildi.

2024-nji ýylyň fewral aýynyň 5-9-njy senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň kassa amallary bölümleriniň müdirleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Pulhana amallaryny geçirmegiň we olary resmileşdirmegiň tertibi» atly okuw maslahatynda nagt pullary we gymmatlyklary inkassirlemegiň tertibi, inkassasiýanyň işini kadalaşdyrýan gözükdirijiler we düzgünnamalar, girdeji we çykdajy pulhanalarynda amallary geçirmegiň tertibi we kassa amallaryny alyp barmagyň düzgünnamalary, tertipleri, gözükdirijileri barada çykyşlar diňlenildi.

2024-nji ýylyň fewral aýynyň 19-23-nji senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň şahamçalarynyň dolandyryjylary we dolandyryjylarynyň orunbasarlary üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Bank töwekgelçiligini dolandyrmak» atly okuw maslahatynda bank töwekgelçilikleri we olary dolandyrmagyň usullary, «Karz taryhy» merkezleşdirilen maglumat binýadyny dolandyrmagyň we ony ulanmagyň düzgünleri, şüpheli amallary alamatlary, halkara amallaryň töleg balansynda hasaba alnyşy, esasy makroykdysady meseleler we milli hasaplar ulgamy ýaly ugurlar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2024-nji ýylyň fewral aýynyň 19-23-nji senelerinde ýurdumyzyň karz edaralarynyň bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirlikleriniň we kibergorag merkezleriniň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank işleriniň awtomatizasiýalaşdyrylmagy» atly okuw maslahatynda sanlylaşdyrylan bank ulgamlary, web programmirleme we onuň ýerine ýetirýän wezipeleri, çylgym ulgamynyň gurnalyşy we sazlanylyşy, maglumat howpsuzlygy, bank ulgamynda kiberhowpsuzlygyň üpjün edilişi, kiberhowpsuzlyk babatda bildirilýän talaplar we kanunçylyk namalary barada çykyşlar diňlenildi.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgäriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 120-den gowrak işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SANLY ULGAMDA ÝERINE ÝETIRILÝÄN BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 29-njy fewralynda ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleri, aýratynlyklary, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň mümkinçilikleri maglumat howpsuzlygy, kiberhowpsuzlygy barada Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde hem-de Türkmen oba hojalyk institutynda bilim alýan talyplaryň sowatlylygyny artdyrmak boýunça okuw maslahatlary geçirildi.

Geçirilen okuw maslahatlarynda talyp ýaşlara ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän dürli görnüşli bank kartlary ýagny, «Altyn asyr», «Maşgala», «Milli kart», «Owerdraft», «Goýum bank karty», töleg terminallary, bankomatlar, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «NFC» hem-de «QR-kod» tehnologiýalaryny ulanmak arkaly «Galtaşyksyz töleg», «Rysgal pay» we «Talyp tölegi», «Sanly kart», «Senagat töleg» we beýleki birnäçe ornaşdyrylan sanly programma üpjünçilikleri barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildir.

Geçirilen okuw maslahatlary mugallymlaryň we talyplaryň gyzyklanýan soraglaryna berlen jogaplar bilen jemlendi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SELJERIŞ MAKALALARY

## PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ DEŇAGRAMLYLYGY WE YKDYSADY ÖSÜŞ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly, öňdengörüjilikli, innowasion syýasaty netijesinde ykdysadyýetiň ähli pudaklary bilen bir hatarda milli bank ulgamynyň işjeňligi barha artýar. Bank ulgamynyň uzak möhlete niýetlenen ösüş meýilleri «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» öz beýanyny tapýar.

Milli ykdysadyýetimiziň kadaly ösüşi gönüden-göni bank ulgamynyň sazlaşykly işlemegine, şeýle hem ýurtda alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň deňagramlylygyna baglydyr. Bank ulgamy ykdysadyýetiň kadaly hereketini üpjün edýän, onuň ösüşine, durnuklylygyna, ylmy-tehniki öňegidişligine şertleri döredýän milli ykdysadyýetiň aýrylmaz düzüm bölegidir. Bu sebäpli ýurduň ykdysady syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, milli önümçiligiň möçberini yzygiderli ýokarlandyrmak, pul-karz syýasatyny netijeli alyp barmak, bahalaryň durnukly ýagdaýyny saklamagyň netijesinde hümmetsizlenmegiň pes derejesini üpjün etmek, ýurduň töleg balansynyň oňyn ýagdaýyny saklamak, bank hyzmatlarynyň häzirki zaman, innowasion görnüşlerini ilata hödürlemek üçin, ulgamyň işini kadalaşdyrýan hukuk binýady hem döwrüň talabyna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýär.

Häzirki wagtda milli bank ulgamynyň berk hukuk we maddy binýady emele getirildi. Türkmenistanyň bank ulgamynyň işiniň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslary «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» we «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary esasynda kesgitlenildi. Ýurtda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ýurdumyzyň bank ulgamy iki derejeli ulgam bolup, Türkmenistanyň Merkezi bankyny we karz edaralaryny, şol sanda daşary ýurt banklarynyň Türkmenistanda bellige alnan şahamçalaryny we wekilliklerini özünde jemleýär. Ýurtda iki derejeli bank ulgamynyň hereket etmegi bazar ykdysadyýetiniň ähmiýetli şertleriniň biri bolup durýar. Bu ulgamyň birinji derejesinde Merkezi bank bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçiligini guraýan bolsa, onuň ikinji derejesinde karz edaralary ilatyň, hususyýetçileriň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we döwletiň bank hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmak boýunça toplumlaýyn işleri amala aşyrýarlar.

Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi banky ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny geçirmegi, nagt pul dolanyşygyny guramagy, hasaplaşyk-töleg ulgamynyň işlemegini, karz edaralaryň algydarlarynyň we goýumçylarynyň bähbitlerini goramagy, şeýle hem ýurduň halkara ätiýaçlyklarynyň dolandyrylmagyny üpjün edýär we Kanunda göz öňünde tutulan gaýry wezipeleri ýerine ýetirýär. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallary bolup Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallary boýunça göterim derejeleri, Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenýän ätiýaçlyk talaplaryň möçberleri, açyk bazardaky amallar, karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmek, pul interwensiýalary, pul toplumynyň ösüşiniň gözükdirijilerini bellemek, göni mukdar çäklendirmeleri we pul-karz syýasatynyň beýleki gurallary çykyş edýär. Bu gurallaryň iş ýüzünde netijeli ulanylmagy netijesinde milli ykdysadyýetde pul serişdeleriň kadaly hereketi üpjün edilýär.

Pul-karz syýasatynyň esasy görnüşleri bolup höweslendiriji pul-karz syýasaty we çäklendiriji pul-karz syýasaty çykyş edýär. Höweslendiriji pul-karz syýasaty ykdysady işjeňligiň pese gaçyş döwründe amala aşyrylýar. Pul-karz syýasatynyň bu görnüşini iş ýüzünde ulanmagyň esasy

maksady ykdysadyýetiň ýagdaýyny göwulandyrmak, ykdysady işjeňligiň ýokarlanmagyny höweslendirmek hasaplanylýar, şeýle hem bu syýasat işsizlige garşy göreş serişdesi hökmünde ulanylýar. Höweslendiriji pul-karz syýasaty puluň hödürlenmegini ýokarlandyrmak boýunça Merkezi bankyň amala aşyrýan çärelerini aňladýar. Höweslendiriji pul-karz syýasatynyň gurallary hökmünde ätiýaçlyk talaplaryň we gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejelerini peseltmek, şeýle hem Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almagy ýaly gurallary degişli edip bolar. Bu gurallaryň iş ýüzünde ulanylmagy netijesinde dolanyşykdaky puluň toplumy artýar.

Çäklendiriji pul-karz syýasaty hakyky jemi içerki önümiň garaşylýanyň möçberinden ýokary bolan ýagdaýynda ulanylýar. Ykdysadyýet ykdysady işjeňligiň peseldilmegine gönükdirilýär we ol hümmetsizlenmä garşy göreş serişdesi hökmünde çykyş edýär. Çäklendiriji pul-karz syýasaty Merkezi bankyň puluň hödürlenmegini peseltmek boýunça amala aşyrýan çäreleriniň toplumyny aňladýar. Bu çärelere ätiýaçlyk talaplaryň we gaýtadan maliýeleşdirmegiň derejelerini ýokarlandyrmak, Merkezi bankyň döwletiň gymmatly kagyzlaryny satmagy ýaly gurallary degişli etmek mümkindir. Çäklendiriji pul-karz syýasatynyň ulanylmagy netijesinde dolanyşykdaky puluň toplumy azalýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amallary boýunça göterim derejeleriniň bellenilmegi ýurdumyzda amala aşyrylýan pul-karz syýasatynyň esasy gurallarynyň biri bolmak bilen, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bazar göterim derejelerine täsir etmek üçin ulanýar. Göterim syýasatyny ulanmak arkaly Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik banklar bilen müşderileriň arasyndaky gatnaşyklardaky göterim derejelere gytaklaýyn täsirini ýetirýär we şeýlelik bilen dolanyşykdaky puluň toplumyny kadalaşdyrýar. Höweslendiriji pul-karz syýasatyny ýerine ýetimek, ýagny dolanyşykdaky puluň toplumyny köpeltmek üçin göterim derejeleri peseltmek, çäklendiriji pul-syýasatyny ýerine ýetirmek, ýagny dolanyşykdaky puluň toplumyny azaltmak üçin bolsa, göterim derejeleri ýokarlandyrmak boýunça degişli işler geçirilýär. Dolanyşykdaky puluň toplumynyň üýtgemegi öz gezeginde gönüden-göni hümmetsizlenmäniň derejesine öz täsirini ýetirýär. Bu sebäpli, pul-karz syýasatynyň bu guralyny ulanmagyň wajyplygy has-da artýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi 5 göterime deň.

Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenýän ätiýaçlyk talaplaryň möçberlerini bellemeklik ýurtda amala aşyrylýan pul-karz syýasatynyň esasy gurallarynyň biridir. Ätiýaçlyk talaplary Türkmenistanyň bank ulgamynyň umumy ukyplylygyny düzgünleşdirmek maksady bilen karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenen serişdeleri bolup çykyş edýär. Ätiýaçlyk talaplarynyň üýtgemegi öz gezeginde gönüden-göni täjirçilik banklarynyň müşderilerine berýän karzlarynyň möçberlerine, netijede bolsa, dolanyşykdaky puluň toplumynyň üýtgemegine öz täsirini ýetirýär. Höweslendiriji pul-karz syýasatyny ýerine ýetimek, ýagny dolanyşykdaky puluň toplumyny köpeltmek üçin ätiýaçlyk talaplaryň derejelerini peseltmek, çäklendiriji pul-syýasatyny ýerine ýetirmek, ýagny dolanyşykdaky puluň toplumyny azaltmak üçin bolsa, ätiýaçlyk talaplaryň derejelerini ýokarlandyrmak boýunça degişli işler geçirilýär.

Ýurdumyzda netijeli pul-karz syýasatyny amala aşyrmakda Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bir hatarda ýurdumyzyň karz edaralarynyň hem wajyp orny bar. Ýurdumyzyň karz edaralary ýokary hilli bank önümleriniň innowasion ösüşine öz maliýe serişdelerini gönükdirmek bilen, bank hyzmatlarynyň halkara bazarynda mynasyp orny eýeleýärler. Şunuň bilen birlikde, täjirçilik banklary öz işinde sanly programma üpjünçilikleriň täze görnüşlerini ulanýarlar. Öňdengörüjilikli, uzak möhletli ösüş meýillerini işläp taýýarlamak bilen, ýurdumyzyň banklary içerki, şeýle hem daşary ýurt maliýe hyzmatlarynyň bazarlaryny düýpli öwrenýärler. Innowasion hyzmatlarynyň hiliniň we olaryň ýerine ýetiriliş tizliginiň artmagyna aýratyn üns bermek

bilen, karz edaralary, ilkinji nobatda, müşderileriň bank önümlerine bolan isleglerini doly kanagatlandyrmagyň anyk çözgütlerini işläp düzýärler.

Türkmenistanyň karz edaralary, ýurdumyzda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, fiziki we ýuridiki şahslaryň erkin pul serişdelerini goýumlara çekmek, tölenilmek we möhletlilik şertlerinde ýerleşdirmek, fiziki we ýuridiki şahslaryň bank hasaplaryny açmak we ýöretmek, nagt we nagt däl görnüşlerde daşary ýurt puluny satyn almak-satmak, ekwaýring we gaýry bank amallaryny ýerine ýetirýärler. Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan iş ýüzünde ulanylýan usullar we maliýe gurallar ýurduň ykdysadyýetini dünýäde ýüze çykýan çökgünlikleriň we ykdysady sarsgynlyklaryň ýaramaz netijesinden goramak bilen bir hatarda, ýurduň dünýä ykdysadyýetindäki ornuny we bäsdeşlige ukyplylyk derejesini ýokarlandyrýar. Pul-karz syýasatynyň netijeli durmuşa geçirilmegi bank ulgamynyň kadaly hereket etmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu sebäpli, nagt däl hasaplaşyklary ýaýbaňlandyrmagyň, bank işine innowasiýalary yzygiderli ornaşdyrmagyň ähmiýeti häzirki döwürde barha artýar.

Türkmenistanyň banklary bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman ösüş meýillerine laýyklykda elektron tölegleriň täze görnüşlerini yzygiderli ornaşdyrýarlar. «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky galtaşyksyz bank kart tölegleri ulanmaklygy, şeýle hem «Rysgal pay» ýörite goşundynyň kömegi bilen tölegiň innowasion görnüşini üstünlikli herekete girizdi. «Rysgal pay» ýa-da «QR code» töleg ulgamy elektron mobil gapjygy göz öňünde tutýar, onuň üsti bilen biziň watandaşlarymyza mobil telefony ulanyp, bir düwmä basmak arkaly nagt däl tölegleri amala aşyrmak mümkinçiligi hödürlenilýär. Täjirçilik banklar tarapyndan ornaşdyrylýan kämil çemeleşmeler we innowasion çözgütler ýurdumyzyň banklaryna täze müşderileri çekmeklige ýol açýar.

Ýurdumyzyň banklarynyň häzirki zaman çemeleşmeleriniň ýene-de bir mysaly hökmünde tölegleriň innowasion görnüşleriniň bazarynda «Halkbank terminal» galtaşyksyz tölegiň täze mobil goşundysynyň hereket etmekligi bolup durýar. Bu hyzmat adaty terminalyň ähli işlerini ýerine ýetirmek ukyby bolan mobil goşundyny göz öňüne tutýar. Ykjam telefona bu goşundyny gurnamak bilen, birnäçe düwmelere basmak arkaly harytlar satyn alnanda we hyzmatlar ýerine ýetirilende nagt däl hasaplaşygy amala aşyrmak mümkin. Bu goşundy diňe bir sarp edijiler üçin goşmaça amatlylyklary döretmek bilen çäklenmän, eýsem ýurdumyzyň söwda nokatlarynda ulanmak üçin hem maksadalaýykdyr, sebäbi söwda nokatlarynda bu goşundynyň ulanylmagy nagt däl görnüşinde töleg geçirmek üçin ýörite enjamlary satyn almak zerurlygyny aradan aýyrýar.

Milli ykdysadyýetimiz dünýä bazarynyň innowasiýalaryna laýyklykda okgunly ösýär we özgerýär. Hormatly Prezidentimiziň bank hyzmatlarynyň sanlylaşdyrylmagyna, hiliniň innowasion ösüşine gönükdirilen öňdengörüjilikli başlangyçlary täze toplumlaýyn işleriň amala aşyrylmagyna giň ýol açýar. Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan geçirilýän oýlanyşykly pul-karz syýasaty halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrýar, milli ykdysadyýetimiziň kämilleşdirilmegini, diwersifikasiýalaşdyrylmagyny hem-de okgunly ösüşini üpjün edýär.

**Aýlar HOJANEPESOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we
dolandyryş institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň
müdiriniň w.w.ý.ý., uly mugallymy

# AKYLDAR ŞAHYRYŇ DÖREDIJILIGI

2024-nji ýylda gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry, türkmen nusgawy edebiýatynyň parlak ýyldyzy Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy döwlet derejesinde uly dabara bilen bellener. 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmegi akyldar şahyrymyzyň ölmez-ýitmez edebi mirasyny, pelsepä ýugrulan şygyrlaryny içgin öwrenmäge, ýurdumyzyň çäginde we ondan daşarda wagyz-nesihat etmäge, olaryň terbiýeçilik ähmiýetini ýaşlarymyzyň kalbyna guýmaga, bu ruhy-ahlak gymmatlyklary geljekki nesillerimize aýawly geçirmäge bizi borçlandyrýar. Çünki, Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy halkymyzyň milli ruhunyň sarsmaz binýadydyr. Häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Sedarymyzyň baştutanlygynda bütin türkmen halky, dünýä jemgyýetçiligi bilen birlikde, bu şanly senäni mynasyp garşy almak, dabaraly belläp geçmek üçin ykjam taýýarlyk görýärler. Akyldar şahyryň dürdäne setirlerinde goýy-akyl paýhasyň, dana pikirleriň, öwüt-ündewleriň düýpsüz ummany jemlenýär. Akyldaryň nakyla öwrülen setirleri üç ýüz ýyl bäri ynsan pähmini adamkärçilige, ynsanperwerlige çagyryp gelýär, olarda milli terbiýäniň taglymaty jemlenendir. Bu barada akyldaryň özi şeýle ýaňzydýar:

Aýdar Magtymguly: sözüm älemdir,
Nesihatym uly ile ylymdyr.

(«Gyş bolar»)

Gahryman Arkadagymyz «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda dana Magtymguly Pyragy barada: «Şahyryň ynsan mertebesi, watansöýüjilik, parahatçylyk, hoşniýetlilik ýaly gymmatly pikirleri taze türkmen jemgyýeti, şu günki we geljekki nesillerimiz üçin ruhy ýörelgedir» diýip belleýär. Pyragynyň pähim-paýhasa ýugrulan setirlerine uýmak Ata Watana, il-günüňe, pederleriňe uýmakdyr, olary ýürekden söýmekdir, durkuň bilen türkmendigiňi duýmakdyr.

Magtymguly Pyragynyň keramatly şygyrlarynda many-mazmun üýtgeşik sazlaşyp gidýär. Akyldaryň edebi döredijiligi milli aýdym-saz sungatymyzyň egsilmez gorudyr. Ol özüniň «Ýüz bolar» diýen goşgusynda «Magtymguly, sözlerim saza goşsaň uz bolar» diýýär. Şahyryň şygyrlaryna döredilen aýdymlary halkymyz uly söýgi bilen diňleýär.

Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasa ýugrulan edebi mirasy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, dünýä halklarynyň hem gymmatlygyna öwrüldi.

Bu günki gün Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwletli başlangyçlarynda, tutumly işlerinde Magtymguly Pyragynyň erkana hem abadan durmuş, berkarar döwlet, il agzybirligi, ýurt abadançylygy, mert, watansöýüji, kämil nesilleri ýetişdirmek baradaky köňül arzuwlary sözüň doly manysynda amala aşýar.

2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilmegi adamzadyň kalbynda öçmejek yz goýan akyldar şahyrymyzyň gymmatly mirasyna, ruhy hazynasyna döwlet derejesinde goýulýan uly hormatdan, halkyň öz şahyryna egsilmez söýgüsinden nyşandyr.

**Ogulgerek NEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň
Işgärler syýasaty boýunça baş hünärmeni

# SELJERIŞ MAKALALARY

## BANK ULGAMYNDA HYZMATLARYŇ TIZLIGI ARTDYRYLÝAR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, bank ulgamyny işini, ýerine ýetirilýän bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, banklaryň goýum syýasatyna laýyklykda, ilatyň erkin duran pul serişdelerini banklara talap edilýänçä we möhletli goýumlara çekmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Banklaryň serişde binýadyny giňeltmek, maliýe innowasiýalaryny ornaşdyrmak maksady bilen, hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, olaryň täze görnüşlerini girizmek we hilini ýokarlandyrmak işleriň ilerlemegine getirýär. Bank kartlarynyň, goýumlaryň, karzlaryň täze görnüşleriniň girizilmegi raýatlar tarapyndan bank hyzmatlaryna bolan islegiň artmagyna şert döredýär.

Bank ulgamy bazar ykdysadyýetimiziň esasy düzümleriniň biridir, onuň döwrebaplyk derejesi milli ykdysadyýetde amala aşyrylýan düýpli özgertmeleriň netijeliliginiň esasy görkezijileriniň biri hökmünde kabul edilýär. Sanly ulgama geçiş bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasynda özara gatnaşyklaryň düýpli özgerdilmegini alamatlandyrýar. Munuň özi, ilkinji nobatda, hyzmatlaryň tizliginiň artdyrylmagyny, hyzmat etmegiň döwrebap usullaryny peýdalanmak arkaly müşderileriň wagtynyň hem serişdeleriniň tygşytlamagyny nazarlaýar. Bazara gatnaşyjylara hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň çaltlygy hem elýeterliligi bank edaralarynyň we müşderileriniň arasyndaky gatnaşyklary hil taýdan täze dereja çykarýar.

Mysal höhmünde Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynda «Gyrat», Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynda «Ýyldyrym», «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynda «Ýanardag» we Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynda «Meleguş» milli pul geçirim ulgamlaryndan peýdalanmak mümkinçilikleri döredilen. Sanalyp geçilenlerden görnüşi ýaly, Türkmenistanyň çäginde pul geçirimleri ulgamlarynyň birnäçesiniň hereket etmegi, sagdyn bäsdeşlik şertlerini döretmäge we netijede bolsa müşderilere ýokary hilli hyzmat etmäge ýardam berýär. Nagt pul serişdeleriniň bankara geçirimleri, raýatlara pul serişdelerini gyssagly wagtyň içinde bir etrap, şäherden beýleki bir etrap, şähere aşyrmaklygy iň az çykdajyly hem-de hiç hili töwekgelçiliksiz geçirmäge mümkinçilik berýar. Bu hyzmat ene-atalara we hossarlara, harby gullukçylara, talyplara, okuwçylara, ýaş maşgalalara, dynç alýanlara, iş saparynda bolýanlara gysga möhletde, gyssagly pul geçirmelerini amala aşyrmaga şertleri döredýär. Müşderiler nagt pul serişdelerini geçirmek üçin karz edaralaryna ýa-da olaryň şahamçalaryna özüniň pasporty ýa-da pasportyň ornuny tutýan beýleki resminamasy hem-de ugratmak isleýän möçberindäki nagt pul serişdesi bilen ýüz tutýar. Bank işgäri ähli zerur bolan maglumatlar esasynda degişli resminamalary taýýarlaýar we geçirim dessine alyja ugradylýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» we «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg», «Halkbank terminal» ýaly bank hyzmatlary arkaly nagt däl görnüşindäki hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilik döredilen.

Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Ýuridiki tarap bolan müşderilerine we teleke-

çilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, mobil töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank töleglerini ýerine ýetirmek, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly birnäçe hyzmatlar ornaşdyryldy.

Häzirki wagtda Balkan welaýatyndaky karz edaralarynyň şahamçalary tarapyndan ilata bank goýumlarynyň ençeme görnüşleri hödürlenýär. Talap edilýänçä, möhletli goýumlar hem-de «Goýum bank karty» hereket edýär. Dürli ýyllyk göterim derejeleri bolan «Ruhubelent nesiller», «Gojalara hemaýat», «Gadamy beýik gahryman», «Galkynan daýhan», «Täze manat—täze durmuş», «Garaşsyzlyk zamany» ýaly möhletli goýumlar ilat üçin bähbitlidir. Şu ýerde «Goýum bank karty» barada durup geçenimizde, onuň çäklendirilmedik möçberde nagt pul serişdelerini goýmak, islendik wagty ýurduň çäginde ýerleşýän bankomatlardan nagt pul serişdesini almak, nagt däl hasaplaşyklaryň üsti bilen söwda we hyzmat ediş nokatlarynda hasaplaşyklary geçirmek, ipoteka karzlarynyň esasy bergisini we göterimini, öýjükli aragatnaşyk, internet, IP telewideniýe hyzmatlaryny tölemek, şeýle-de goýlan nagt serişdeleriň ählisini islendik wagtda yzyna almak ýaly amallary ýerine ýetirmek mümkinçiligi bar.

Bank ulgamynyň serişdeler binýadynyň giňeldilmegi ykdysadyýete uzak möhletli karzyň paýyny ösdürmäge mümkinçilik döredýär. Ilatyň goýumlarynyň ösüşi banklaryň serişdeler binýadynyň giňeldilmeginde uly ähmiýete eýedir. Bu bolsa ilatyň, maýa goýujylaryň, şol sanda daşary ýurtly maýa goýujylaryň bank ulgamyna bolan ynamyny berkidýär, goýumlaryň, ilkinji nobatda, möhletli goýumlaryň möçberini düýpli artdyrýar.

Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde bank ulgamynyň ornuny ýokarlandyrmak wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Bank ulgamyny ösdürmegiň maksatlary we wezipeleri ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini üpjün etmäge we onuň esasynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň berýän tabşyryklaryndan we görkezmelerinden ugur alnyp, bank ulgamynyň işjeňliginiň netijeliligini mundan beýläk hem ýokarlandyrmak babatynda, mundan beýläk-de welaýatyň banklary tarapyndan öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, döwrebap hyzmatlaryň täze görnüşlerini hödürlemek arkaly ilatyň goýumlaryny çekmek we müşderleriň sanyny artdyrmak, önümçilik maksatly berilýän karzlary yzygiderli artdyrmak ýaly işler dowam etdiriler.

**Amangül GURBANDURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Balkan welaýat şahamçasynyň
Işgärler boýunça baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK HYZMATLARYNYŇ DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERI

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly pyragy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallary netijesinde ösüşiň täze belentlikleriniň röwşen ýoly bilen ynamly öňe barýan türkmen halky eşretli-bagtyýar zamananyň hözürini görüp ýaşaýar. Ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli maksatnamalaýyn işleriň binýadynda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda uly ösüş gazanylýar, milli ykdysadyýet barha kuwwatlanýar, onuň dünýä ykdysady gatnaşyklaryndaky orny has-da pugtalanýar. Gazanylýan üstünlikleriň ruhlandyryjysy bolan Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir» baş ýörelgesinden ugur alyp, Türkmenistan döwletimiz depginli ösýän güýçli döwlete, ösen ykdysadyýetli, milli mirasy we medeniýeti bolan kämil jemgyýete öwrülmek bilen, ýurdumyzda geçirilýän paýhasly özgertmeler syýasatynyň rowaçlanýan ýurdyna öwrülýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwlet baştutanlygynda milli ykdysadyýetimiziň has-da döwrebaplaşdyrylmagy, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegi, ýurdumyzyň ähli pudaklaýyn edara-kärhanalary bilen bir hatarda bank ulgamynda hem ylmyň iň täze gazananlarynyň, döwrebap ösen innowasion sanly maglumat aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralarynda alnyp barylýan işleriň çäklerinde bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezilýär.

Häzirki zaman bank hyzmatlarynyň, döwrebap elektron tölegleriň ornaşdyrylmagynyň çaltlanmagy, nagt däl hasaplaşyk ulgamynyň has-da giňeldilmegi hem-de durnukly pul dolanyşygy üçin zerur bolan şertleriň döredilmegi bank ulgamyna ynamy we onuň özüne çekijiligini ýokarlandyrýar. Şu nukdaýnazardan, bank hyzmatlary babatynda geçirilýän özgertmeleriň esasynda bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejä çykmagy, ilkinji nobatda bolsa, müşderilere hyzmat edilişiniň tizliginiň artdyrylmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak bilen, müşderileriň wagtynyň tygşytlanylmagy kanuny ýagdaýdyr.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» karz edaralarynda sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy babatynda kabul edilen iş meýilnamasy üstünlikli amala aşyrylýar. Durmuşa geçirilýän bu işleriň çäklerinde programma-tehniki serişdeleriň, sanly maglumat-aragatnaşyk serişdeleriniň we ulgamlarynyň karz edaralaryna işjeň ornaşdyrylmagy bilen bank hyzmatlarynyň hiliniň kämilleşdirilmegine ýardam berýär, onuň mümkinçilikleri barada bank müşderileriniň giň köpçüligi habardar edilýär, ilatyň iň täze innowasiýalardan netijeli peýdalanmak başarjaňlygy artýar, şeýle-de döwrebap bank hyzmatlarynyň ilat köpçüligine elýeterliligi ýokarlanýar. Ýurdumyzyň karz edaralarynda ornaşdyrylýan sanly ulgamyň giňden peýdalanylmagynyň binýadynda karzlary bermek, maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek, dürli tölegleriň çalt we öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek, töleg-hasaplaşyk amallarynyň ähli görnüşleri ýaly bank hyzmatlaryň göwrüminiň artýandygyny görkezmek bolar.

Bank ulgamynyň sanlylaşdyrylmagynyň netijesinde müşderilere hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, sanly ulgamda hyzmatlaryň «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg» ýaly täze, döwrebap görnüşlerini durmuşa ornaşdyr-

maga ýardam berilýär. Karz edaralary tarapyndan berilýän dürli görnüşli karzlaryň esasy bergilerini gaýtarmak we olara hasaplanylan göterimleri tölemek, aragatnaşyk hyzmatlary üçin tölenilýän tölegleri tiz we amatly usulda geçirmek ýaly hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary uly ähmiýete eýedir.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan islegini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini tizleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda «Altyn asyr» bank kartynyň saklaýjylary öz hyzmat edýän banklarynyň internet sahypalary arkaly bank kartlaryny «Internet-banking» hyzmatyna özbaşdak birikdirip bilýär.

Mundan başga-da, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky «Halkbank terminal» atly hyzmaty ornaşdyrdy. «Halkbank terminal» döwrebap, ygtybarly tehnologiýalaryň esasynda taýýarlanylan hem-de nagt däl hasaplaşyklarda ulanylýan adaty töleg terminalynyň ornuny tutýan mobil programma üpjünçiligi bolup durýar. Bu hyzmat söwda we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallarynyň eýeleriniň öz müşderilerine sanly ulgamda galtaşyksyz, goragly esasda hyzmatlary ýerine ýetirmäge döredilýän nobatdaky mümkinçilik bolup durýar.

«Halkbank terminal» mobil ulgamy ykjam telefona gurnalmak bilen, harytlar we hyzmatlar üçin tölegleri kabul etmek, amaly ýatyrmak ýa-da yzyna gaýtarmak, kassany ýapmak we söwdanyň jemi möçberini çykaryp görkezmek, amallaryň taryhyny görmek ýaly hyzmatlardan peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň karz edaralarynyň netijeli işjeňligi bolsa her bir bankyň ösüş derejesinden, häzirki zaman bank önümlerini ulanylmagyndan we müşderiler tarapyndan ýokary islegden peýdalanýan hyzmatlaryň köpsanly görnüşlerini ýerine ýetirmekden ybarat bolup durýar. Ýurdumyzyň bank edaralarynda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy ulgamyň hyzmatlarynyň geriminiň giňelmegine ýakyndan ýardam berýär. Bu bolsa bank edaralary tarapyndan bank müşderilerine tiz, amatly we has ýokary hilli hyzmatlary etmäge doly mümkinçilik döredýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli bank ulgamynda durmuşa geçirilýän işler milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, dünýä döwletleri bilen özara bähbitli we netijeli hyzmatdaşlygy amala aşyrmaga giň ýol açýar. Bank ulgamynyň işiniň mundan beýläk hem döwrebaplaşdyrylmagy diňe bir ýurdumyzyň ykdysady görkezijileriniň ýokarlanmagyna ýardam etmän, tutuş ykdysadyýetimizi ösüşiň hil taýdan täze belentliklerine çykarmaga itergi berer.

**Bägül ÖWEZOWA,**
Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik
bankynyň Murgap şahamçasynyň baş hasapçysy

# SELJERIŞ MAKALALARY

## RAÝATLAR ÜÇIN BÄHBITLI BANK HYZMATLARY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetiniň ähli pudaklary we medeni-durmuş ulgamlary bilen bir hatarda, milli bank ulgamy hem düýpli ösüşlere beslenip, müşderileriň bank hyzmatlaryndan elýeterli we amatly şertlerde peýdalanmaklary üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Bu bolsa «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamyny ösdürmegiň 2019 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» iş ýüzünde öz mynasyp çözgüdini tapýandygyny görkezýär. Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli alyp barýan parasatly syýasatynda maşgalany, eneligi we çagalygy goramak, ýaşlary goldamak, saglygy goraýyşy has ýokary götermek, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak wezipeleri hemişe üns merkezinde durýar we öz mynasyp çözgütlerini hem tapýar. Bu gün Garaşsyz döwletimiziň bank ulgamy, raýatlarymyza beýleki hyzmatlar bilen birlikde, dürli görnüşli, ilatyň süýşürintgilerini banklarda ýerleşdirmekde has amatly we bähbitli usullary hödürleýär.

Ilatyň pul goýumlarynyň banklarda ýerleşdirilmegi hem döwrebap bank amallarynyň iň wajyp görnüşleriniň biri bolup durýar. Türkmenistanyň karz edaralary ilatyň pul serişdelerini dürli görnüşli goýumlara çekmek boýunça hyzmatlaryny halkymyza hödürleýär. Pul serişdeleriniň banklarda ýerleşdirilmegi, möhletleri boýunça esasan iki görnüşde, ýagny, berilmegi talap edilýänçä goýum görnüşinde ýa-da belli bir möhleti göz öňünde tutmak bilen goýulýan goýum görnüşinde kabul edilýär. Talap edilýänçä saklanylmagy şerti bilen goýulýan goýumlar fiziki ýa-da ýuridik şahslar tarapyndan banka goýulýan we müşderiniň talap eden pursatynda oňa gaýtarylyp berilmegi kepillendirilen goýum görnüşidir. Goýumyň bu görnüşinde möhlet kesgitlenilmeýär, goýumyň möçberi çäklendirilmeýär, goýum hasabynyň üstüniň islendik wagtda doldurylmagyna, şeýle hem islendik wagtda goýumyň hemmesiniň ýa-da onuň belli bir böleginiň hasaplanylan göterimleri bilen birlikde gaýtarylyp alynmagyna ýol berilýär. Belli bir möhleti göz öňünde tutmak bilen goýulýan goýumlarda bolsa, goýumyň göterim derejesi has ýokary bellenilýär. Möhletli goýum şertnamalary köplenç halatda üç aý, alty aý ýa-da bir ýyl möhlete baglaşylýar, goýuma hasaplanyljak göterimleri her aýda almaga mümkinçilik döredilýär.

Dürli ýaşdaky raýatlara degişli bolan, nagt we nagt däl görnüşinde çekilýän goýumlara mysal hökmünde «Pensiýa», «Ruhubelent nesiller», «Watan gerçekleri», «Möhletli», «Zenan kalby», «Täze manat – täze durmuş», «Çagalara niýetlenen maksatly goýum», «Ene-atalar hakynda alada», «Halkyň saglygy-Watan baýlygy», «Çagalar-biziň geljegimiz», «Bähbitli» ýaly bank goýumlaryny görkezmek bolar.

Şonuň ýaly-da ýurdumyzyň karz edaralarynda hereket edýän «Goýum bank karty» goýumy hem raýatlar üçin bähbitli goýumlaryň biridir. Ol fiziki şahslar tarapyndan bankda açylan «Altyn asyr» töleg karty hasabyny açmak arkaly bu hasaba nagt we nagt däl görnüşinde goýlup, islendik wagtda talap edip alyp bilinýän pul serişdeleridir.

Goýumlaryň banklara ýerleşdirilmegi, ilatyň süýşürintgileriniň iň ynamdar görnüşde we gizlin saklanylmagy, goýum hasaplarynda ýygnanan pul serişdelerinden islendik görnüşdäki tölegleriň geçirilip bilinmegi, hasaplanyljak göterimleriň hasabyna goýumyň möçberiniň yzygiderli artmagy, islendik wagtda pul serişdeleriniň yzyna gaýtarylyp alnyp bilinmegi babatda ilat üçin örän bähbitli bank amaly bolup durýar. Raýatlaryň goýumlarynyň 2016-njy ýylyň oktýabr aýynda güýje giren «Fiziki şahslaryň goýumlarynyň hökmany kepilligi hakynda»

Türkmenistanyň Kanuny esasynda doly kepillendirilendigini hem bellemek bolar.

Biziň raýatlarymyza yzygiderli hödürleýän hyzmatlarymyzda iň esasy zat ilatyň pul süýşürintgilerini bankda ýerleşdirmegiň, ilkinji nobatda, her bir adamyň bähbitlerine gönükdirilendigi, ol hyzmatlaryň her biriniň juda amatlydygy bolup durýar. Hut şonuň üçin hem halkymyzyň ähli babatlarda eşretli durmuşda ýaşamagyny, ata Watanymyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna ynamly goşulmagyny maksat edinip, il-ýurt bähbitli ägirt uly işleri yzygiderli we üstünlikli amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işlerinde hemişe rowaçlyklary arzuw edýäris! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylyny buýsanç bilen başdan geçirýän, bagtyýar şu günlerimizden nurana ertirlerimize ynamly gadam urýan raýatlarymyzy bolsa biziň bank hyzmatlarymyzdan netijeli peýdalanmaga çagyrýarys!

**Aýbibi BAÝRYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Balkan» şahamçasynyň Goýum amallary, pensiýa
we döwlet kömek pul tölegleri bölüminiň başlygy

.

# SELJERIŞ MAKALALARY

## KÄMIL BANK KART ULGAMY: TARYHY WE ŞU GÜNI

Häzirki wagtda bank karty edil ykjam telefon ýaly tanyş we adaty bir zat – ol köp adamda bar we her gün millionlarça adam ony ulanýar. Emma bank karty hemişe beýle däldi. Taryhda «American Express» atly haryt daşamak bilen meşgullanýan amerikan kompaniýasy töleg kartlaryň esaslandyryjysy diýip hasap edilýär. 1891-nji ýylda bu kompaniýa ilkinji gezek öz halkara ýol çekleriniň ulgamyny işläp taýýarlady we ulanyşa girizdi. Şeýlelik bilen syýahatçylar mundan beýläk başga şäherlere ýa-da daşary ýurtlara gidenlerinde özleri bilen nagt puly alyp gitmän serişdelerini sowmak mümkinçiligine eýe boldular.

1914-nji ýylda «Mobil Oil Company» müşderileriniň has ygtybarly we tölege ukyply bölegi üçin ýörite «ygrarlylyk» kartlaryny çykaryp başlady. Bu kartlar kartondan ýasalyp, onda müşderiniň adynyň baş harplary ýazyldy. Şeýle kartlar ýangyç tölemäge we islendik ýangyç bekedinde haryt satyn almaga mümkinçilik berýärdi. Kartyň eýesi satyn alan harytlary üçin tölegini soňrak, mysal üçin aýyň ahyrynda hiç hilli göterimsiz töläp bilýärdi. Elbetde bu kartlar paýlanylanda ygrarlylyk maksatnamasyna gatnaşyjylary seresaply saýlamaklyga uly üns berilýärdi. Bäş ýyldan soň 1919-njy ýylda Western Union kompaniýasy işgärlerine şeýle kartlaryň öz görnüşini hödürledi. Bu ulgamyň ýetmezçiligi, ol ähli adamlar üçin elýeter gurnalmady.

Ýöne amatlylygyna garamazdan karton kartlary derrew zaýalanmak bilen bolýardylar we tiz ulanyşdan aýyrylýardylar. Şeýlelikde, olary has ykjam we berk edip ýasamak meselesine täzeden seretmeli boldy. Çözgüt aç-açan ýaly görünsede, oňa gelmek üçin ýene-de 9 ýyl gerek boldy. 1928-nji ýylda Farrington Manufacturing Boston kompaniýasy dünýäde ilkinji gezek metaldan ýasalan Charga Plates metal kartlary hödürledi. Bu kartlarda onuň eýesiniň maglumatlary we salgysy möhürlenip basylýardy. Möhürlenip basylan maglumatlary şeýle metal kartlardan almak üçin bolsa ýörite press-imprinterden peýdalanylýardy. Bu täzeçillik edilýän hyzmatlaryň tizligini ep-esli çaltlandyrmaga getirdi we hasap-faktura doldurylanda ýalňyşlyk goýbermek ähtimallygyny pese düşürdi.

Metal kartlar beýleki kompaniýalaryň arasynda çaltlyk bilen meşhurlyk gazandy we dürli ululykda we şekilde öndürildi. Käbir öndürijiler kartyň uçlarynda ýa-da ters tarapynda ýörite bellikleri we kesimleri belleýärdiler we şeýlelikde kartyň seriýa belgisini, onuň görnüşini ýa-da gutarýan senesini kodlaýardylar. Kartyň arka tarapynda köplenç gol çekmek üçin ýörite zolak ýerleşýärdi.

Emma bu kartlaryň ählisi öz ýerine ýetirýän wezipesi boýunça ygrarlylyk kartlaryna meňzeýärdi. Bank önümi hökmünde kartlaryň esasyny Bruklin şäherindäki Flatbush bankynda karz ugry boýunça işlän işgär D.S.Biggins tutdy. Ol sarp edijiler üçin «Charge-It» atly täze karzlaşdyryş meýilnamasyny döretdi. Oňa laýyklykda ýerli dükanlar ownuk-uşak harytlary satanlarynda tölegiň ýerine dil hatlaryny kabul edýärdiler we olary banka tabşyrýardylar. Bank bolsa öz gezeginde olaryň mukdaryny doly dükana töläp berýärdi we satyn alyjylaryň hasaplaryndan tutup alýardy.

Üç ýyldan soň 1949-njy ýylda meşhur Diners Club ulgamy döredildi. Kärhananyň bu ady täze ideýanyň dörän ýeri bilen berk baglanşyklydyr, sebäbi A.Blumingdeýliň, F.Maknamarunyň we R.Snaýderiň günortanlyk naharynyň başynda bankdan karz alyp bilmeýän alyjylaryň we dükanlaryň arasynda araçy bolup işleýän telekeçi barada pikir alyşmagy netijesinde bu ulgam oýlanyp tapyldy. Şol araçy öz hususy serişdelerinden peýdalanyp, dükanlara kepil

geçýärdi we geleşiklerden belli bir göterimde öz peýdasyny alýardy. Olar bu pikiri haladylar we restoranyň eýesine ony ornaşdyrmagy teklip etdiler. Gelip-gidýänleri kesgitlemek üçin şol döwürde giňden ýaýran metal kartlardan peýdalanmak kararyna geldiler. Ulgama birikdirilen restoranlaryň we müşderileriň sany çalt artdy, girdejiler köpeldi we işewürligi has netijeli dolandyrmak üçin esaslandyryjylar öz kompaniýalaryny birleşdirip, oňa Diners Club diýen at berdiler. 1951-nji ýylda bu ulgamyň adyny we iş shemalaryny Beýik Britaniýada peýdalanmak üçin ýörite ygtyýarnama alyndy we şeýlelikde, Ýewropa ýurtlarynda karz kartlaryny ulanmaklyga ýol açyldy. Ýeri gelende aýtsak, başga bir täzelik kartdan peýdalanmak üçin abuna töleginiň girizilmegi boldy we şol wagt bir ýyllyk hyzmat tölegi 3 dollar möçberinde bellenildi.

Ilki başda köp kompaniýalar Diners Club ulgamyna birikmekden saklanýardylar. Sebäbi olar maglumatlaryň aýan bolmagyndan we öz müşderileri bilen aragatnaşyklarynyň ýaramazlaşmagyndan çekinýärdiler. Emma 1958-nji ýylda «American Express» plastik kartlaryň çykarylyp başlamagy, Amerikada karz kartlaryň giňden ýaýramagynda möhüm rol oýnady. Diňe bir ýylyň dowamynda kartlar ýarym milliondan gowrak adama paýlandy we şeýlelik bilen bu ýagdaý Diners Club ulgamynyň monopoliýasynyň bes edenligini aňlatdy. Amerikan banklarynyň köpüsi hem ýaryşa goşuldy, ýöne olaryň arasynda iň üstünliklisi «BankAmericard» kartyny çykaran Bank of America boldy. Bu kartlaryň barha artýan meşhurlygy we birleşigiň beýleki agza banklaryna, şol sanda daşary ýurt banklaryna kartlary çykarmak boýunça ygtyýarnamanyň satylmagy netijesinde bu kartly töleg ulgamyna başga dilde manysy bolmadyk, hiç hilli sorag döretmejek, ýatda gowy galýan, täze, uniwersal at dakylmagyň zerurlygy ýüze çykdy. Şeýlelikde VISA ady emele geldi, şol at bilen 1976-njy ýylyň 26-njy iýulynda ilkinji gezek tranzaksiýa geçirildi. Birnäçe ýyldan soňra onuň Ýewropada ulanylýan görnüşi MasterCard peýda boldy. Ýaponiýanyň Japan Credit Bureau kompaniýasy bolsa öz JCB atly kartlaryny 1964-nji ýylda dolanşyga goýberdi.

Ýene bir bellemeli zat, kartlardaky magnit zolak 1960-njy ýylda inžener Perriniň kömegi bilen peýda boldy we onuň aýalynyň ýardam bermeginde ulanyşa girizildi. Kartyň maglumatlaryny magnit lentanyň bölejigine ýazmak pikiri örän ýerliklidi we onuň birnäçe artykmaçlyklary bardy. Mysal üçin magnit zolakly kart bilen maglumatlary derrew barlap, banka geçirip bolýardy, öňki ýagdaýynda bolsa kartyň press-imprinterden geçirilen suraty banka birnäçe wagtdan soň tabşyrylýardy. Magnit lentany plastik karta ýerleşdirmek pikiri emele gelende, ony plastmassa ýelmeşmeýänligi belli bir kynçylyk döretdi. Şonda inženeriň aýaly ony ütükläp basmagy teklip etdi we magnit lentanyň bölejigini eredip plastik karta ýelmemegi başardy. Kartlaryň ilkinji nusgalarynda magnit zolagy kartyň öň tarapynda ýerleşdirilýärdi.

Plastik kartlaryň sanynyň ösmegi netijesinde 1967-nji ýylda dünýäde ilkinji bankomat döredildi we ol London şäherinde peýda boldy. Bu bankomat Barclays bankyna degişli bolup, onuň bir şahamçasynda ýerleşýärdi. Iki ýyldan soň Chemical Bank Nýu-Ýork şäherinde öz bankomatyny ýerleşdirdi. Şol döwürde bankomatlaryň banklar bilen gönüden-göni baglanşygy ýokdy, şol sebäpli müşderi öz hasabynyň galyndysyny onda barlap bilmeýärdi. PIN-kod şol wagtlar eýýäm bardy we 1966-njy ýylda patentleşdirilipdi. Bu bankomatlarda kartlara derek ýörite çekler ulanylýardy we belli bir möçberde pul serişdelerini berýärdi. Plastik kartlary kabul edýän bankomatlar 1972-nji ýylda işläp başladylar. Iňlis banky bolan Lloyds banky bank ulgamyna göni birigip bilýän IBM Cash-Point enjamlaryny ulanmak bilen ilkinji onlaýn-bankomaty işe girizdi.

Bank kartlaryny ösdürmekde indiki möhüm ädim mikroshemaly, ýagny çipli kartlary döretmek boldy we bu täzelik 1974-nji ýylda R.Moreno tarapyndan patentleşdirildi. Magnit zolak bilen deňeşdirilende çipde maglumatlar has köp möçberde we ygtybarly saklanýardy hem-de her bir amal ýörite döredilen kod bilen tassyklanýardy. Magnit zolakdaky maglumaty bolsa göçürip almak we zolaga mehaniki zeper ýetirmek aňsatdy. Bularyň hemmesi bank kartlarynyň bütin dünýäde çalt ösýän we giňden ýaýraýan wagtynda bolup geçýärdi. 1979-njy ýylda POS-terminallaryň peýda bolmagy bolsa nagt däl hasaplaşyklaryň ösmegine has hem uly itergi berdi.

Türkmenistanda hem bank kart ulgamynyň ösmegine ýurt derejesinde uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň karz edaralary «Altyn asyr» milli töleg ulgamy arkaly bank kartlarynyň döwrebap we elýeter görnüşleri bilen öz müşderilerini üpjün edýärler. Geçen ýyllaryň dowamynda bank kartlaryny peýdalanmagyň näderejede amatlydygyna ildeşlerimiz aňryýany bilen göz ýetirdiler. Şeýle bolansoň, ulanylýan bank kartlarynyň sany hem, olaryň kömegi bilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi hem barha köpelýär.

Häzirki wagtda raýatlarymyz «Altyn asyr» bank kartynyň aýlyk zähmet haky geçirilýän, goýum, karz, maşgala, telekeçi, pensiýa karty ýaly kämil görnüşlerini ulanýarlar. Bu kartlaryň her bir görnüşi öz kesgitlenen hyzmat ediş ugry boýunça müşderilere ýeňillikleriň uly toplumyny berýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynda aýlyk zähmet haky geçirilýän bank kartyna müşderiniň zähmet hakynyň ähli görnüşleri geçirilip berilýär we bu kart arkaly edilýän nagt däl tölegler üçin 3 göterimli «Cash back» sowgat hyzmaty we galyndy üçin 6,8% möçberinde girdeji almak göz öňünde tutulan.

«Goýum bank karty» adyndan hem belli bolşy ýaly, karz edaralarda uly islegden peýdalanylýan goýum hasaplaryna raýatlaryň erkin pul serişdelerini çekmek hyzmaty bilen bank kartynyň mümkinçilikleriniň ikisini hem özünde jemleýän bank hyzmatynyň örän amatly görnüşi bolup durýar. Bu kart arkaly tölegleriň ähli görnüşlerini ýerine ýetirip bolýar we islendik wagt pul serişdelerini nagt görnüşinde hem yzyna alyp bolýar. Müşderiniň karta goýan goýumlary üçin bolsa her ýyl 6,8% möçberinde, aýma-aý hasaplanylyp goşmaça girdeji gelýär. Şeýlelik bilen pul serişdelerini bank kartlarynda saklamak we nagt däl görnüşinde sowmak üçin örän amatly şertler döredilendir.

Karz edaralaryndan resmileşdirilen sarp ediş karzlary hem ýörite karz kartyna geçirilýär. Bu kartyň aýratynlygy, onuň diňe nagt däl hasaplaşyklaryny amala aşyryp bolýanlygynda. Müşderiniň maşgala agzalaryna resmileşdirilip berilýän «Maşgala karty» bolsa onuň aýlyk zähmet haky geçirilýän «Altyn asyr» bank kartyna birikdirilýär. Müşderiler «Maşgala» bank kartynyň üsti bilen hepdelik sarp ediljek puluň mukdaryny özbaşdak kesgitläp bilýärler. Bu kart bilen ähli nagt däl hasaplaşyklary amala aşyryp we bellenen çäkde bankomatdan nagt serişde alyp bolýar. «Telekeçi karty» hususy pudagyň wekillerine niýetlenendir. Ýokarda görkezilişi ýaly, beýleki bank kartlarynyň hem her haýsy anyk bir maksada gulluk edip, olar umumylykda, ildeşlerimiziň bank amallaryny we gündelik tölegleri ýerine ýetirmegini ýeňilleşdirýär.

Bank kartlaryň görnüşlerini artdyrmak we olaryň sanynyň yzygiderli köpelmegini gazanmak işleri bilen bir hatarda töleg terminallaryny ornaşdyrmak işlerini hem şol bir wagtda amala aşyrmaly. Häzirki wagtda ýurdumyzdaky söwda nokatlarynda töleg terminallaryny gurnamak işleri ýokary depginler bilen ýerine ýetirilýär. Geçirilýän işleriň netijesinde olaryň agramly bölegi döwrebap töleg terminallary bilen üpjün edildi we bu işler dowam edýär.

Bank kartlary bilen hasaplaşyk geçirmeklik müşderilerimize birnäçe artykmaçlygy

berýär. Şolaryň ilkinjisi nagt däl hasaplaşykda hasapdaky serişdeden hiç hili tutumyň tutulmaýanlygydyr. Müşderiniň bankomatdan nagt görnüşinde serişde alan ýagdaýynda, belli bir möçberde bank hyzmatlary üçin tutum alynýan bolsa, nagt däl hasaplaşykda şol tutum dolulygyna aradan aýrylýar. Tersine, eden nagt däl söwdasy üçin her aýyň belli bir gününde müşderiniň hasabyna «Cash back» hyzmatyndan gelen goşmaça girdeji goşulýar.

Bank kartlary bilen diňe bir töleg terminallary arkaly däl, eýsem bankomatlarda hem nagt däl görnüşinde töleg geçirmeklige hünärmenler tarapyndan mümkinçilikler döredildi. Mysal üçin, bankomadyň üsti bilen ykjam we öý telefony, IP teleýaýlymlar, jemagat hyzmatlary üçin tölegleri, karzyň esasy bergisini we oňa hasaplanylan göterimleri onlaýn usulda geçirip bolýar. Diýmek, müşderi bankomatyň ýanyna diňe bir nagt serişde çykarmak üçin däl, eýsem, tölegleriň birnäçe görnüşini geçirmek üçin hem baryp bilýär. Bu mümkinçilik tölegler üçin olaryň degişli edaralaryna barjak wagtyny tygşytlaýar.

Ýurdumyz dünýäniň beýleki ösen ýurtlary bilen aýakdaş gidip, bank kart ulgamynyň ösüşinde bolýan täze hyzmatlary, döwrebap usullary öz wagtynda ulanyşa girizýär. Muňa mysal edip «Mobil-bank» we «Internet-bank» hyzmatlaryny, elektron söwda ulgamynyň biziň ýurdumyzda giňden ýaýramagyny görkezip bolar.

Häzirki wagtda bütin dünýäde «e-commerce», ýagny elektron söwdasy ýyldyrym çaltlygynda ösýär, kämilleşýär. Hormatly Prezidentimiziň aladalary bilen barha giň gerime eýe bolan elektron söwda ulgamyndan peýdalanmakda hem biz ýene-de ilkinji nobatda bank kartymyzdaky serişdä ýüzlenýäris. Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň resmi internet - sahypasynda döredilen mümkinçilikler hem hyzmatlaryň birnäçe görnüşi boýunça tölegleri onlaýn usulda geçirmäge şert döredýär. Şolaryň arasynda iň giň peýdalanylýanlarynyň biri hem «Talyp tölegi» hyzmatydyr. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde tölegli esasda okaýan ýaşlar we olaryň hossarlary bu hyzmatdan yzygiderli peýdalanyp, döwletimiz tarapyndan ýokary bilim almaga döredilýän ýeňillikli şertleriň hözirini görýärler.

Elektron söwda ulgamynyň üsti bilen onlaýn görnüşde töleg geçirmäge mümkinçilik berýän ykjam programma üpjünçiliklerinden peýdalanyp, Türkmenistanyň demirýollary, howaýollary agentlikleriniň, şäherara awtobus gatnawlarynyň peteklerini onlaýn satyn almaga, ätiýaçlandyryş, neşirýat we beýleki hyzmatlar üçin tölegleri geçirmäge we şeýlelikde işimizi ep-esli ýeňilleşdirmäge şert döreýär. Bank kartlaryndaky serişdeler bilen «Töleg», «Çapar» ýaly ykjam programmalaryň mümkinçiliklerinden hem netijeli peýdalanyp bolýar.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ilatyň bol-elin durmuşda ýaşamagy üçin döredilýän şertleriň netijesinde watandaşlarymyz gündelik we aýlyk harajatlaryndan daşary erkin serişdesini ýygnamak, şeýlelikde, geljek üçin maýa birikdirmek üçin hem mümkinçilik alýarlar. Artykmaç serişdäni nagt pula öwürmän, ony bank kartynda saklamagyň iň ygtybarly usuldygyny ýene bir gezek ýatladýarys.

Bilinmeli zatlaryň ýene biri bank kartlaryndan peýdalanmagyň ähmiýeti bilen birlikde ony howpsuz ýagdaýda ulanmagyň düzgünleridir. Bankymyz öz müşderilerine bank kartyndaky pul serişdeleriniň ygtybarlylygyny we goraglylygyny üpjün etmek üçin käbir düzgünleri hökmany berjaý etmelidigini ýatladýar. Şol düzgünler bank kartyny ulanmak üçin başga şahslara bermezlikden, olardaky PIN kody üçünji bir tarapa aýan etmezlikden, PIN-kody kartyň ýüzüne ýazmazlykdan, şeýle-de ony kart bilen bile saklamazlykdan we başga biriniň kartyny ulanmazlykdan ybaratdyr. Şu düzgünleriň doly berjaý edilmegi kart hasabyndaky pul serişdeleriniň goraglylygyny üpjün eder.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan bank kartlaryna SMS hyzmaty hem birikdi-

rilýär. Bu hyzmat bank kart hasaplarynda bolup geçýän hereketer baradaky maglumatlaryň müşderiniň telefon belgisine SMS arkaly gelmegini üpjün edýär.

Umuman, berkarar Diýarymyzyň karz edaralary tarapyndan hödürlenilýän kämil kart ulgamy milli ykdysadyýetimiz üçin iňňän bähbitlidir. Milli puluň nagt däl görnüşindäki dolanyşygy onuň ýitgisini ep-esli derejede azaldýar. Şeýle hem bu dolanyşygyň sazlaşykly alnyp barylmagyny üpjün edýär. Hut, şonuň üçin hem kämil kart ulgamyndan peýdalanylmagy müşderiler üçin hem, döwlet üçin hem bähbitlidir.

Döwletli Diýarymyzyň karz edaralaryndaky kämil ulgamy Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen emele geldi. Munuň üçin karz ulgamynyň işgärleri Milli Liderimize we hormatly Prezidentimize çäksiz hoşallyk bildirýärler. Goý, eziz Diýarymyzyň ykdysady ösüşleri mundan beýläk hem halkymyzy Gün bolup çoýsun, nurana ertirlere alyp gitsin! Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, işleri rowaç bolsun!!

**Mährijemal ABDYRAHMANOWA,**
Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik
bankynyň Maliýe ykdysady seljeriş we usulýet
müdirliginiň Usulýet bölüminiň başlygy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 марта 2024 года




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 марта 2024 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 марта 2024 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| **GÖRKEZIJILER** ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi ед. измер. | 01.03.2023 | 01.01.2024 | 01.03.2024 | 01.03.2024 01.01.2024-e, %-de | 01.03.2024 01.03.2023-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary** Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **11** | **11** | *100,0* | *110,0* |
| şol sanda: в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik - государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik - акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary - филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky - Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» - «Туркменская инвестиционная компания» | sany / ед. | | 1 | 1 | *100,0* | |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany** Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **150** | **150** | *100,0* | *102,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany** Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | ***** | **7 046 129** | ***** | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany** Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | ***** | **8 391,8** | ***** | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi** Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat млн манат | **6 842,9** | **7 167,8** | **7 232,8** | *100,9* | *105,7* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)** Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat млн манат | **15 331,58** | **17 876,07** | **16 183,36** | *90,5* | *105,6* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary** Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat млн манат | **88 874,14** | **89 102,20** | **88 716,42** | *99,6* | *99,8* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)** Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat млн манат | **41 253,23** | **39 600,98** | **38 559,28** | *97,4* | *93,5* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом***

## 2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2024 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **23** | 3 | 8 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **150** | **16** | **25** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2024 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **24** | **1** | **3** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 марта 2024 г.

müň manat / тыс. манат

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки | 2 438 213,5 | 33,7 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки | 1 884 030,3 | 26,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | 2 850 000,0 | 39,4 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания | 56 000,0 | 0,8 |
| **Jemi / Всего** | **7 232 814,8** | **100,0** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2024-nji ýylyň fewral aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в феврале 2024 года

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года | 5,0 % |

## 2024-nji ýylyň fewral aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в феврале 2024 года

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяца | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца | 4,0 % |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций***

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

| Hereket eden döwri<br>Период действия | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,% | Esas<br>Основание |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г. |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г. |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г. |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г. |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г. |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г. |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г. |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г. |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г. |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
***Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики***

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов | Bellikler<br>Примечания |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 10% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 11.02.2015 | 5% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 12% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 6% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 9% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

**Londonyň gymmat bahaly metallar bazarynyň assosiasiýasy (LBMA) tarapyndan irdenki söwdada bellenilen nyrhy boýunça 2024-nji ýylyň fewral aýyndaky gymmat bahaly metallaryň 1 (bir) unsiýasynyň türkmen manadyna bolan gatnaşyklarynyň sanawy**

Перечень цен драгоценных металлов за 1 (одну) унцию по результатам утренних торгов Лондонской Ассоциации рынков драгоценных металлов (LBMA) по отношению к туркменскому манату, действительных в феврале 2024 года

manat /манат

| | Altyn / Золото | Kümüş / Серебро | Platina / Платина | Palladiý / Палладий |
|---|---|---|---|---|
| 01.02.2024 | 7 131,4250 | 79,3450 | 3 206,0000 | 3 409,0000 |
| 02.02.2024 | 7 189,7000 | 81,3050 | 3 216,5000 | 3 402,0000 |
| 05.02.2024 | 7 085,7500 | 78,7675 | 3 132,5000 | 3 258,5000 |
| 06.02.2024 | 7 087,6750 | 78,0675 | 3 150,0000 | 3 328,5000 |
| 07.02.2024 | 7 116,2000 | 78,0150 | 3 139,5000 | 3 279,5000 |
| 08.02.2024 | 7 129,6750 | 78,2250 | 3 094,0000 | 3 087,0000 |
| 09.02.2024 | 7 110,7750 | 79,2925 | 3 097,5000 | 3 087,0000 |
| 12.02.2024 | 7 073,5000 | 80,2025 | 3 062,5000 | 3 031,0000 |
| 13.02.2024 | 7 091,7000 | 80,0450 | 3 143,0000 | 3 195,5000 |
| 14.02.2024 | 6 967,8000 | 77,2975 | 3 083,5000 | 3 062,5000 |
| 15.02.2024 | 6 989,1500 | 79,1875 | 3 153,5000 | 3 353,0000 |
| 16.02.2024 | 7 018,9000 | 80,5350 | 3 122,0000 | 3 300,5000 |
| 19.02.2024 | 7 071,2250 | 80,7975 | 3 185,0000 | 3 395,0000 |
| 20.02.2024 | 7 093,8000 | 80,7100 | 3 174,5000 | 3 360,0000 |
| 21.02.2024 | 7 100,8000 | 80,7625 | 3 157,0000 | 3 398,5000 |
| 22.02.2024 | 7 108,1500 | 80,7450 | 3 122,0000 | 3 381,0000 |
| 23.02.2024 | 7 067,5500 | 79,5025 | 3 115,0000 | 3 353,0000 |
| 26.02.2024 | 7 123,0250 | 78,7850 | 3 125,5000 | 3 388,0000 |
| 27.02.2024 | 7 126,0000 | 79,3450 | 3 111,5000 | 3 381,0000 |
| 28.02.2024 | 7 088,3750 | 78,2075 | 3 087,0000 | 3 206,0000 |
| 29.02.2024 | 7 114,8000 | 78,1900 | 3 104,5000 | 3 286,5000 |

Görkezilen gatnaşyklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olar boýunça gymmat bahaly metallary satyn almak ýa-da satmak borçnamalaryny göz öňüne tutmazdan bellenildi.

Цены установлены без обязательств Центрального банка Туркменистана покупать или продавать указанные драгоценные металлы по данным ценам

***Halkara amallar müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Международных операций***

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda berlen karzlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
Средние процентные ставки по кредитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам |
| **ýanwar, 2024**<br>**январь, 2024** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования | | | | | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца | | | | | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца | | | 8,0 | | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца | | | | | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца | | | 7,1 | 11,8 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г. | 7,2 | 12,9 | 5,9 | 11,1 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda çekilen goýumlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
Средние процентные ставки по депозитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам |
| **ýanwar, 2024**<br>**январь, 2024** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования | | 2,8 | | 1,9 | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца | | | | 11,0 | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца | | 8,8 | | 4,0 | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца | | 9,0 | | 7,6 | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца | 0,3 | 9,3 | 4,5 | 10,1 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г. | 5,0 | 9,8 | 3,0 | 9,1 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan milli pulda berlen karzlar we olaryň göterim derejeleri
Кредиты в национальной валюте, предоставленные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Показатели | 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в январе 2024 г. | |
|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>Средний процент (%) |
| **Jemi berildi**<br>**Выдано, всего** | **586,41** | **3,97** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 368,24 | 2,93 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 218,17 | 5,73 |
| **Jemi berlen karzlardan:**<br>**Из общей суммы кредитов:** | | |
| **Gysga möhletli, jemi**<br>**Краткосрочные, всего** | **66,04** | **6,00** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 65,92 | 5,99 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 0,11 | 11,78 |
| **Uzak möhletli, jemi**<br>**Долгосрочные, всего** | **520,37** | **3,71** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 302,31 | 2,26 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 218,06 | 5,72 |

## Karz edaralary tarapyndan milli pulda çekilen goýumlar we olaryň göterim derejeleri
### Депозиты в национальной валюте, привлеченные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Görkezijiler<br>Показатели | 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в январе 2024 г. | |
|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) |
| **Jemi çekilen:**<br>**Привлечено всего:** | **13396,88** | **0,41** |
| **Talap edilýänçä**<br>**До востребования** | **13286,52** | **0,39** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 11288,74 | |
| raýatlar<br>физические лица | 1997,78 | 2,58 |
| **Möhletli**<br>**Срочные** | **110,36** | **3,49** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 78,91 | 1,06 |
| raýatlar<br>физические лица | 31,45 | 9,60 |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Türkmenistanyň karz edaralarynyň jemlenen jebislendirilen balansy
### Сводный консолидированный баланс кредитных учреждений Туркменистана

müň manat / тыс. манат

| | 01.03.2023 | 01.01.2024 | 01.03.2024 | 01.03.2024 ý.<br>01.03.2023 ý.<br>%-de |
|---|---|---|---|---|
| **IŞJEŇLER / АКТИВЫ** | | | | |
| Kassa we oňa deňlenen serişdeler<br>Касса и приравненные к ней средства | 859 622,51 | 561 123,52 | 676 098,24 | *78,65* |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk we ätiýaçlyk hasaplaryndaky serişdeler<br>Корреспондентские счета в Центральном банке Туркменистана и средства на резервных счетах | 21 183 870,22 | 23 155 762,44 | 21 335 418,10 | *100,72* |
| Karz edaralara, kärhanalara, guramalara we raýatlara goýberilen karzlar<br>Кредиты, предоставленные кредитным учреждениям, предприятиям, организациям и гражданам | 119 561 561,53 | 121 019 284,48 | 121 404 947,53 | *101,54* |
| Esasy serişdeler we maýa goýumlary<br>Основные средства и инвестиции | 1 687 220,20 | 1 724 331,00 | 1 712 727,94 | *101,51* |
| Gaýry işjeňler<br>Прочие активы | 10 793 967,32 | 13 391 279,07 | 12 339 932,93 | *114,32* |
| **JEMI IŞJEŇLER / ВСЕГО АКТИВОВ** | **154 086 241,79** | **159 851 780,51** | **157 469 124,72** | ***102,20*** |
| **IŞJEŇ DÄLLER / ПАССИВЫ** | | | | |
| Hususy serişdeler<br>Собственные средства | 12 297 543,84 | 13 378 239,53 | 13 377 606,73 | *108,78* |
| Karz alnan we çekilen serişdeler<br>Привлеченные и заемные средства | 119 666 993,68 | 120 050 872,94 | 117 831 200,81 | *98,47* |
| Karz çeşmeler boýunça şahamçalar bilen özara hasaplaşyklar<br>Взаимные расчеты с филиалами по кредитным ресурсам | 18 610 534,19 | 22 636 318,26 | 23 055 426,61 | *123,88* |
| Gaýry işjeň däller<br>Прочие пассивы | 3 511 170,07 | 3 786 349,77 | 3 204 890,56 | *91,28* |
| **JEMI IŞJEŇ DÄLLER / ВСЕГО ПАССИВОВ** | **154 086 241,79** | **159 851 780,51** | **157 469 124,72** | ***102,20*** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
***Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary barada maglumat
### Информация об остатке задолжностей кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте предприятиям, организациям, населению

mln manat / млн манат

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2023 | | | | 01.01.2024 | | | | 01.03.2024 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | 01.03.2024 ý.<br>01.03.2023 ý.<br>%-de | şol sanda / в том числе: | | |
| | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные | | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные |
| Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте, предприятиям, организациям, населению | **88 874,1** | **4 346,3** | **84 487,9** | **40,0** | **89 102,2** | **5 287,6** | **82 490,2** | **1 324,4** | **88 716,4** | **99,8** | **4 151,9** | **81 558,2** | **3 006,4** |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов выданные предприятиям и организациям государственной собственности | **57 777,6** | 4 055,1 | 53 721,8 | 0,7 | **55 008,0** | 4 917,9 | 48 858,5 | 1 231,6 | **54 456,6** | 94,3 | 3 774,1 | 47 788,4 | 2 894,1 |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности | **11 901,6** | 243,6 | 11 633,7 | 24,3 | **12 287,2** | 307,5 | 11 951,9 | 27,8 | **12 356,5** | 103,8 | 319,4 | 11 990,8 | 46,2 |
| Raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов физическим лицам и предпринимателям без образования юридического лица | **19 195,0** | 47,5 | 19 132,5 | 15,0 | **21 807,0** | 62,3 | 21 679,7 | 65,0 | **21 903,4** | 114,1 | 58,4 | 21 778,9 | 66,0 |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций***

## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini
### Темпы роста средств на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения

mln manat / млн манат

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2023 | | | 01.01.2024 | | | 01.03.2024 | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | 01.03.2024 ý.<br>01.03.2023 ý.<br>%-de |
| Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях | **40 609,46** | **16 513,08** | **57 122,54** | **42 949,78** | **16 089,81** | **59 039,59** | **42 049,38** | **15 751,10** | **57 800,48** | *101,2* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий и организаций государственной собственности | 26 234,79 | 15 406,33 | **41 641,12** | 27 667,52 | 14 591,34 | **42 258,85** | 27 960,65 | 14 478,16 | **42 438,81** | *101,9* |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий, организаций негосударственной собственности и населения | 14 374,67 | 1 106,76 | **15 481,43** | 15 282,26 | 1 498,48 | **16 780,74** | 14 088,73 | 1 272,94 | **15 361,66** | *99,2* |
| şol sanda:<br>raýatlaryň we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler<br>в том числе:<br>Средства физических лиц и предпринимателей без образования юридического лица | 4 240,20 | 504,83 | **4 745,03** | 4 814,42 | 621,53 | **5 435,94** | 4 130,60 | 628,15 | **4 758,75** | *100,3* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary
### Вклады населения в кредитных учреждениях Туркменистана

mln manat / млн манат

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2023 | | | 01.01.2024 | | | 01.03.2024 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | 01.03.2024 ý. - 01.03.2023 ý.<br>%-de | Talap edilýänçä<br>До востребования | 01.03.2024 ý. - 01.03.2023 ý.<br>%-de | Möhletli<br>Срочные | 01.03.2024 ý. - 01.03.2023 ý.<br>%-de |
| Döwlet täjirçilik banklarynda<br>В государственных коммерческих банках | **1 735,2** | 1 455,7 | 279,6 | **2 245,1** | 1 922,0 | 323,1 | **2 088,3** | 120,3 | 1 764,9 | 121,2 | 323,5 | 115,7 |
| Paýdarlar täjirçilik banklarynda<br>В акционерно-коммерческих банках | **1 042,8** | 835,3 | 207,5 | **1 323,7** | 1038,1 | 285,6 | **1 256,5** | 120,5 | 964,9 | 115,5 | 291,6 | 140,6 |
| Daşary ýurt banklarynyň şahamçalarynda<br>В филиалах иностранных банков | **0,35** | 0,35 | | **0,49** | 0,49 | | **0,6** | 170,2 | 0,6 | 170,2 | | |
| **Jemi / Итого** | **2 778,4** | **2 291,3** | **487,0** | **3 569,3** | **2 960,6** | **608,7** | **3 345,4** | **120,4** | **2 730,3** | **119,2** | **615,1** | **126,3** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2024-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan terminallar, bankomatlar hem-de bank kartlary boýunça maglumat
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана терминалах, банкоматах и банковских картах по состоянию на 1 марта 2024 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкомат | Terminallar<br>Терминал | Ahal welaýaty<br>Ахалский велаят | | | Aşgabat<br>Ашхабад | | | Arkadag<br>Аркадаг | | | Balkan welaýaty<br>Балканский велаят | | | Daşoguz welaýaty<br>Дашогузский велаят | | | Lebap welaýaty<br>Лебапский велаят | | | Mary welaýaty<br>Марыйский велаят | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 1 | 5 | 1 | | 1 | | 1 | 1 | 1 | | | | | 1 | | | | | | 1 | | | 1 | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 481 750 | 50 | 1 267 | | | 53 | 441 868 | 34 | 838 | | | | 39 882 | 16 | 325 | | | 22 | | | 13 | | | 16 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 1 987 403 | 1 022 | 8 415 | 306 867 | 180 | 1 030 | 33 437 | 19 | 389 | 532 | 2 | 4 | 125 598 | 89 | 1 132 | 491 756 | 194 | 1 714 | 437 189 | 263 | 2 392 | 592 024 | 275 | 1 754 |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 1 093 772 | 441 | 7 608 | 78 129 | 41 | 791 | 503 571 | 204 | 3 169 | 5 021 | 5 | 51 | 163 515 | 64 | 1 092 | 81 601 | 26 | 556 | 121 190 | 49 | 1 051 | 140 745 | 52 | 898 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 670 668 | 147 | 6 933 | 51 227 | 11 | 795 | 239 088 | 69 | 2 100 | 735 | 2 | 28 | 40 225 | 5 | 652 | 50 869 | 9 | 980 | 186 407 | 25 | 1 130 | 102 117 | 26 | 1 248 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 617 621 | 356 | 5 788 | 9 514 | 7 | 123 | 217 043 | 92 | 1 249 | | | | 133 423 | 81 | 906 | 44 453 | 35 | 855 | 121 205 | 75 | 1 282 | 91 983 | 66 | 1 373 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 462 674 | 93 | 4 416 | 23 240 | 6 | 149 | 230 507 | 16 | 1 937 | 730 | 1 | 7 | 80 987 | 19 | 856 | 32 338 | 12 | 647 | 38 883 | 19 | 303 | 55 989 | 20 | 517 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 178 724 | 20 | 4 041 | | | | 107 823 | 12 | 2 109 | | | | 12 548 | 2 | 387 | 12 852 | 2 | 466 | 20 138 | 2 | 442 | 25 363 | 2 | 637 |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-Турецкий АКБ | 121 877 | 10 | 1 879 | | | | 114 208 | 5 | 1 309 | | | | | | | 1 049 | 1 | 80 | 3 414 | 3 | 249 | 3 206 | 1 | 241 |
| **Jemi / итого** | **5 614 490** | **2 144** | **40 348** | **468 977** | **246** | **2 941** | **1 887 546** | **452** | **13 101** | **7 018** | **10** | **90** | **596 178** | **277** | **5 350** | **714 918** | **279** | **5 320** | **928 426** | **437** | **6 862** | **1 011 427** | **443** | **6 684** |

***Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ***

## 01.01.2024 - 01.03.2024 seneleri aralygynda bank kartlary boýunça nagt we nagt däl pul dolanyşygy
## Наличный и безналичный денежный оборот по банковским картам на период с 01.01.2024 по 01.03.2024 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Jemi / Итого | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Amallaryň sany<br>Количество операций | Nagt almak (manat) / Снятие наличных (манат) | | Nagt däl hasaplaşyk (manat) / Безналичный расчет (манат) | | | | | |
| | | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | «Internet-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Интернет-банк» | «Mobil-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Мобильный-банк» | «Elektron-söwda» ulgamlary arkaly<br>Через системы «Электронной коммерции» | «Halkbank terminal» ulgamy arkaly<br>Через систему «Халкбанк терминал» |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 10 206 | 3 405 350 | 1 043 110 | 332 512 | | | | | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 305 502 | 58 375 695 | | | 72 277 306 | | | 1 295 184 | |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 3 758 325 | 1 177 581 950 | 15 279 012 | 29 322 873 | 380 637 336 | 37 706 | 1 243 481 | 2 029 | 8 102 739 |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 3 077 293 | 798 733 185 | 11 445 061 | 11 835 764 | 318 847 969 | 174 665 | 556 284 | 34 836 | 3 451 711 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 2 401 823 | 393 059 320 | 193 658 | 7 209 798 | 323 815 822 | 4 798 | 68 451 | 97 | 159 335 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 5 124 564 | 375 754 390 | 2 712 329 | 10 240 054 | 342 456 507 | 5 583 | 142 673 | 199 943 893 | 206 500 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 774 366 | 151 851 510 | 770 911 | 5 275 591 | 145 521 776 | 128 082 | 584 879 | 11 991 427 | |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 854 867 | 67 956 730 | 476 333 | 413 622 | 247 836 641 | | | 7 272 363 | |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-турецкий АКБ | 380 114 | 9 580 710 | 427 476 | 68 648 | 107 465 646 | | 27 907 | | |
| **Jemi / Итого** | **16 687 060** | **3 036 298 840** | **32 347 891** | **64 698 862** | **1 938 859 004** | **350 834** | **2 623 674** | **220 539 829** | **11 920 286** |

***Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ***